# Ene gudraty

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ene gudraty ENE GUDRATY



Gark bolaýsam, birden gamly köllere,
Ejemiň bir damja ýaşyna degmez.
Ýolumdan azaşyp, çyksam köllere,
Ejemiň bir damja ýaşyna degmez.
Damagymdan ötmän galsa şunçalar,
Gözünde ýaş gatan gara gijeler.
Täleýime ters atylan bijeler,
Ejemiň bir damja ýaşyna degmez.

Ýollaryna ogryn-ogryn bakanym,
Ýalňyzlykda agyr ýüki çekenim,

Paý-pyýada dag-derýany sökenim,
Ejemiñ bir damja ýaşyna degmez.

Hassa bolup, mähir küýsäp «ahlanym»,
Bagrym alyp, gyzyl otda daglanym,
Gijeleriñ gujagynda aglanym,
Ejemiñ bir damja ýaşyna degmez.

Howlusynda elwan güller tolkunýar,
Ädimlem batlanýar, görsem galkynýan,
Mähir berip, perişde deý ýalkanýar,
Şatlygym bir damja ýaşyna degmez.

Oguljennet NAZAROWA,
Daşoguz welaýatynyñ Akdepe etrabynyñ 20-nji orta mekdebiniñ mugallymy. Goşgular